# Ata watanym

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ata watanym ATA WATANYM




Daglaryň bar, kökün durnukly berklän
Alymlar döredip, şahyrlar eklän
Döşünde, gül ýaly çagalar saklan
Daglaryň güýjüne, gaýrat gatanyň
Belent galsyn başyň, ata watanym.
Gülleriň kokaýyp, güneşe bakýar
Guşlaryň möwç alyp, ganatyn kakýar
Joşuryp dilimi, çeşme dek akýar
Daglaryň güýjüne, gaýrat gatanyň
Belent galsyn başyň, ata watanym.

Ajaýyp sungatyň, ýoluny tartar
Gyzlaryň ylmyna, günbe_gün artar
Halkynyň ykbalyn, maksada elter

Daglaryň güýjüne, gaýrat gatanyň
Belent galsyn başyň, ata watanym.

Dünýä dursun, dursun enemiň dili
Saýranda bilbil dek, açylsyn güli
Oguz han neslinden, galsyn düzgüni
Daglaryň güýjüne, gaýrat gatanyň
Belent galsyn başyň, ata watanym.

Gözbaşyňdan akýar, sözleriň döräp
Gandarýar teşnäni, janyna ýarap
Türkmeniň durkuny, saklaýar gorap
Daglaryň güýjüne, gaýrat gatanyň
Belent galsyn başyň, ata watanym.

Ýigitler buýsanyp, topragyň öpen
Asyrlar boýunça, atlaryň çapan
Toýnagnyň sesinden, dörändir tupan
Daglaryň güýjüne, gaýrat gatanyň
Belent galsyn başyň, ata watanym.

Ýaň salýar asmanda, aýdymyň-sazyň
Erkinlikde uçýar, ördegiň, gazyň
Egsilmez saçakda, rysgalyň, duzuň
Daglaryň güýjüne, gaýrat gatanyň
Belent galsyn başyň, ata watanym.

Dogumly ärleriň, ylhamyn alar
Şahasyn ýaýradyp, saýasyn salar
Türkmeniň ganynda, ýokdur hiç ýalan
Daglaryň güýjüne, gaýrat gatanyň
Belent galsyn başyň, ata watanym.

Çagalaň ýasaldy, güneşden, aýdan
Watany gorarlar, dumandan, gaýdan
Şanyňa köp bolar, aýdymlar aýdan
Daglaryň güýjüne, gaýrat gatanyň
Belent galsyn başyň, ata watanym.

Parlaýar baýdagyň, galkynýar teniň
Altyndyr çölleriň, ýakymly demiň
Eneler mährinden, goýmadyň kemin
Daglaryň güýjüne, gaýrat gatanyň
Belent galsyn başyň, ata watanym.

Sähramda dogup men «türkmeniň gyzy»
Saýraryn dilime, ýaýrasyn yzy
Atamyň watany, epilmez dyzy
Daglaryň güýjüne, gaýrat gatanyň
Belent galsyn başyň, ata watanym.

Emine TÖRRÜK. Goşgular